# BU GÜNLER

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
BU GÜNLER ***
Bu günler, bir gün-ä mendenem geçer,
Senem halas borsuň gamly goşgydan,
Şum ajal geler-de gujaklar-guçar,
Bolaryn men bu dünýeden hoş giden.

Soňky ýola ugratmaz seň gözýaşyň ,
Agaç ata atarlanmy görmersiň,
Aýatlar okalyp beriler aşym,
Guburymy idäp-sorap ýörmersiň.

Şonda-da men çyn ýürekden islärin ,
Bir desse gül goýaryňy mazarma,
Eger hasyl etseň kalbda beslänim,
Bolmaz ol dünýede hiç zat azarma.